LANGUE FRANÇAISE EN ASIE CENTRALE

MINISTÈRE DE L'EUROPE ET DES AFFAIRES ÉTRANGÈRES
*Liberté Égalité Fraternité*

FSPI
LE FONDS DE SOLIDARITÉ POUR LES PROJETS INNOVANTS

ORGANISATION INTERNATIONALE DE la francophonie

## 2021-NJI ÝYLDA FRANSIÝANYŇ MERKEZI AZIÝADAKY SEBITLEÝIN OLIMPIADASY

# SYNAGYŇ KADALARY

2021-nji ýylda Fransiýanyň Merkezi Aziýadaky medeni ulgamy ilkinji gezek Fransuz dili boýunça onlaýn olimpiadasyny gurnaýar. Bu Olimpiada Merkezi Aziýanyň 5 döwletiniň (Özbegistan, Gazagystan, Gyrgyzstan, Täjigistan we Türkmenistan) fransuz dilinde gürleýän we fransuz dilini söýýän ýaşaýjylary tölegsiz gatnaşyp bilerler.

Olimpiadanyň bu kadalary milli dillerde hem-de fransuz we rus dillerinde hödürlenýär. Olimpiadanyň kadalary Fransuz dili boýunça sebitleýin olimpiada gatnaşmagyň şertlerini we düzgünlerini kesgitleýärler.

### GATNAŞMAK ÜÇIN ŞERLER

- Bu synag Merkezi Aziýanyň 5 döwletiniň fransuz dilinde gürleýän we fransuz dilini söýýän ýaşaýjylaryna, ýaşyna, jynsyna we milletine garamazdan hödürlenýär.
- Siz synaga **10-njy aprele çenli onlaýn** görnüşde tölegsiz ýazylyp bilersiňiz (10-njy aprel Fransiýanyň sagady bilen gündiz sagat 12.00-ä çenli).
- Ähli gatnaşyjylar hünäri boýunça 8 kategoriýa bölünýär:

- *Kategoriýa 1 : 1-nji synpdan 8-nji synpa çenli okuwçylar*
- *Kategoriýa 2: 9-njy synpdan 11-nji synpa çenli okuwçylar*
- *Kategoriýa 3 : fransuz mekdepleriniň okuwçylary we fransuz okuwçylary*
- *Kategoriýa 4 : hünäri fransuz dili bolmadyk talyplarr*
- *Kategoriýa 5 : fransuz dili boýunça hünär alýan talyplar*
- *Kategoriýa 7 : fransuz dili boýunça mugallymlar we bilermenler*
- *Kategoriýa 7 : başgalar, fransuz dili ene dili bolmadyklar*
- *Kategoriýa 8 : başgalar, ene dili fransuz dili bolanlar*

- Ähli gatnaşyjylar şu kadalardaky kesgitlenen şertleri we elektron poçta boýunça iberiljek we synag platformasynda ýerleşdiriljek görkezmeleri berjaý etmäge borçlanýarlar.

### SYNAGLARYŇ SENENAMASY WE GÖRNÜŞI

- **2021-nji ýylyň 10-njy apreli**: Olimpiada onlaýn ýazylmak döwri ýapylýar. Synaglara diňe görkezilen senä çenli onlaýn görnüşde ýazylyp ýetişenler gatnaşyp bilerler.
- **18-nji aprel: Olimpiadanyň 1-nji tapgyry** Diktantdan we onlaýn Testden ybarat. Bu Test Fransiýanyň orfografiýa boýunça çempiony Giýom Terýäň tarapyndan işläp taýýarlanylan "Orthodidacte" platformasy bilen birlikde ýola goýuldy. Olimpiadanyň 1-nji tapgyryna girmek üçin sagatlar: 15.00 Özbegistanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň ýaşaýjylary üçin / 16.00 Gazagystanyň we Gyrgyzstanyň ýaşaýjylary üçin.
- **22-nji aprel**: 2-nji tapgyra geçen dalaşgärleriň yglan edilmegi. Diňe 1-nji tapgyryň iň gowy 64 dalaşgäri (her kategoriýa boýunça 8 dalaşgär) 2-nji tapgyra gatnaşmaga elektron poçta boýunça çagyrylar.
- **26-njy we 27-nji aprel: Olimpiadanyň 2-nji tapgyry** dilden tabşyrylýan gürrüňdeşlik görnüşinde Fransiýanyň Merkezi Aziýadaky medeni ulgamynyň agzalaryndan ybarat bolan eminleriň garyşyk toparynyň öňünde onlaýn geçiriler..
- **30-njy aprel**: gutarnykly netijeleriň we Olimpiadanyň ýeňijileriniň sanawynyň yglan edilmegi.

## SYNAGYŇ EMIN AGZALARY

● 1-nji tapgyryň synaglary awtomatizirlenen görnüşde "Orthodidacte" platformasynyň algoritmine görä barlanar (Diktantdaky ýalňyşlaryň, Testdäki dogry jogaplaryň we öňa sarp edilen wagtyň arasyndaky gatnaşygy hasaplamak arkaly).
● Synagyň dilden tabşyrylýan bölegi üçin Eminler toparyna fransuz dili mugallymlary we Merkezi Aziýadaky 5 döwletde ýerleşýän Fransiýanyň Ilçihanalarynyň, Fransuz Alýanslarynyň we Fransuz Institutlarynyň wekilleri girer.

## BAÝRAKLAR WE SOWGATLAR

● Her kategoriýanyň ýeňijilerine eýelän ýerine we hünärine görä baýraklar gowşurylar: tomusda dil öwreniş syýahatlary, dil öwreniş sapaklary, noutbuklar, iPad, elektron kitaplar (gysga sanaw).
● Ähli gatnaşyjylara Gatnaşyjy şahadatnamasy gowşurylar.

## MAGLUMATLARY ÝYGNAMAK

● Soragnamada görkezilen şahsy maglumatlara we Olimpiadanyň dürli tapgyrlarynyň netijelerine konfidensial ýagdaýda 2021-nji ýylyň Merkezi Aziýadaky Olimpiadanyň guramaçylyk maksatlary üçin serediler.
● Olimpiada ýazylan wagty ýa-da tapgyrlary geçýän wagty görkezilen şahsy maglumatlar çap edilmez we üçünji tarapa geçirilmez, ýöne 1-nji tapgyrdan soň saýlanan gatnaşyjylaryň atlarynyň, familiýalarynyň we ýurtlarynyň sanawy we dilden tabşyrylýan synagdan soňky ýeňijileriň gutarnykly sanawy çap ediler.

## BORÇLAR

● Synaga ýazylan wagty her gatnaşyjy özi we öz hünäri barada beren maglumatlarynyň takykdygyna we dogrydygyna güwä geçýär.
● Synaga ýazylan wagty her gatnaşyjy Olimpiadanyň dürli tapgyrlaryny özbaşdak we indiwidual ýagdaýda geçýär we elektron poçta arkaly alan giriş kodlaryny gizlin saklamaga borçlanýar.
● Synaglary gurnaýjylar gatnaşyjylaryň hemmesiniň gowy şertlerde gatnaşyp bilmegi üçin ähli gerekli şertleri döretmeklige borçlanýarlar.
● Synaglary gurnaýjylar gatnaşyjylaryň internediniň hili bilen baglanyşykly bökdençlikler ýa-da bolup biljek tehniki näsazlyklar ýa öz ýaşaýan döwletlerinde sahypalaryň açylmagynyň gadagan edilmegi bilen baglanyşykly kynçylyklar üçin jogapkärçilik çekmeýärler.

## KONTAKTLAR

● Sorag ýüze çykan ýagdaýynda ýa-da goşmaça maglumat üçin şu elektron poçta ýüz tutup bilersiňiz: olympiadesregionales@gmail.com